# Ýakup beg

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýakup beg

ÝAKUP BEG

Muhammet Ýakup Beg, Kokant Hanlygynyñ meşhur harby işgäri.
Ýakup Beg 1820-nji ýylda Piskent şäherinde eneden dogulýar.
Kokant harby güýçlerine girmegi başaran Ýakup Beg 1845-nji ýylda Kokant Hany Hudaýýar Hanyñ daşary gatnaşyklar boýunça jogapkär işgäri wezipesine bellenýär.
1851-nji ýylda Akmesjit (Perowsk, 1925-nji ýyldan soñra "Gyzyl Goşun") harby garnizonynyñ başlygy bolýar. 1853-nji ýylda Russiýanyñ 26 gün dowam eden gabawyna garşy goranýar. Kaşgaryñ hökümdary Sadyk Beg Jahangir Hojanyñ Kokantda ýaşaýan ogly Buzurygyñ Kaşgara hökümdarlyk etmegini isleýärdi.
1864-nji 6ylda Hudaýýar Han ýanlaryna 1.000 atly goşup Buzuruk Hany we Ýakup Hany Kaşgara ugratdy.
Ýakup Beg 1864-nji ýylyñ içinde Çimkent we Daşkent galalarynyñ ruslara garşy goranyşyna gatnaşýar. Şol wagt Gündogar Türküstanda huiler we gyrgyzlar Çing dinastiýasyna garşy aýaga galyp Kokant Hanlygyndan kömek sorapdylar. Alymguly Han Jahangir Hojanyñ ogly Buzuruk Hoja bilen general Ýakup Begi tabynlygyndaky güýçler bilen bile Gündogar Türküstana ugradýar. Ýakup Beg Kaşgarda we Ýengisarda Çing goşunlaryny derbi-dagyn edýär.
1865-nji ýylyñ maý aýynda rus goşunlary Kokant Hanlygyna garşy hüjüme geçeninde Alymguly Han Daşkentde aradan çykýar we 7.000 adamlyk goşun Gündogar Türkistana baryp Ýakup Begiñ güýçlerine goşulýar. Goşuny artan Ýakup Beg 1865-nji ýylyñ sentýabr aýynda Ýarkendi we Hotany eýeleýär. Özüne garşy giden Buzuruk Hojany ýanyndan çetleşdirenden soñra beýleki bäsdeşi Reşideddin Hojany hem ýeñip Aksuwy eýelemegi başarýar.
1867-nji ýylda Buzuruk Hanyñ häkimiýetini doly soñlandyryp özüni hökümdar yglan edýär we "Badöwlet Han" titulyny ulanyp

başlaýar. Kuja we Korla şäherlerini eýeleýär. Tabynlygyndaky ýerleri şerigat kanunlary esasynda dolandyrýar we Buhara Emirliginden "Atalyk Gazy" titulyny alýar.
1870-nji ýylda Turfan we Tañry daglaryny aşyp Urumçini, 1871-nji ýylda Manas, Piçan, Ili sebitlerini eýeläp, tutuş Gündogar Türküstandan Çing goşunlaryny kowup çykarýar.
Ýakup Beg durnuklylygy üpjün edenden soñra taryhy we medeni ýakynlygy bolan hem-de yslam dünýäsiniñ esasy döwleti bolan Osmanly döwletine delegasiýa ugradýar, Soltan Abdylezize tabynlygyny bildirip ondan tabynlygyndaky ýerleriñ Osmanly döwletiniñ bir bölegi hökmünde hasap edilmegini, özüne bolsa kömek berilmegini sorapdyr. Soltan Abdyleziz oña harby taýýarlyk geçer ýaly Kazym Begiñ ýolbaşçylygynda sekiz ofiser, 1200 tüpeñ, 6 sany sähra topy, däri we beýleki serişdeleri Hindistanyñ üsti bilen  ugradýar. Delegasiýa Kaşgarda uly joşgun bilen garşylanýar. Hutbalar Osmanly patyşasynyñ adyna okalyp we pullar Soltan Abdyleziziñ adyndan ýasalyp başlanýar.
Britaniýa bilen Russiýa patyşalygynyñ hem Orta Aziýa babatda öz gizlin planlary bardy. Şonuñ üçin Britaniýa Ýakup Begi öz bähbitlerine ulanmak maksady bilen 1868-nji ýylda Kaşgara ýörite ilçi ugradyp onuñ häkimiýetini ykrar edýär. Ýakup Beg Britaniýanyñ hemaýatyndaky Hindistandan ýarag kömegini alýar. 1874-nji ýylda Britaniýa bilen özara hyzmatdaşlyk etmek barada şertnama baglaşylýar we iñlisler Kaşgarda konsullyk açýarlar. Baglaşylan şertnamada Ýakup Bege emir, ýurduna bolsa Kaşgar emirligi diýlip ýüzlenýär. Öz gezeginde ruslar hem Kaşgarda konsullyk açýarlar. Ýakup Beg Buhara Emirligi we Osmanly döwleti bilenem diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar. Osmanly döwleti öz üstünligini kabul edendigi üçin ony resmi taýdan emir diýip yglan edipdir.
Dini hususlara üns bermek bilen halkyñ goldawyny almaga çalşypdyr we metjitleri, kümmetleri hemaýaty astyna alypdyr. Emma uruşyñ ýykgynçylyklary zerarly halka agyr salgytlar salmaga mejbur bolupdyr. Türki halklar oña "Andižan bandasy" diýip at beripdir. Onuñ häkimiýeti döwründe 200.000 dungan, 50.000 türki halklardan bolan adamlar öldürilipdir.
1875-nji ýylda Hytaýyñ Çing dinastiýasy TsoTsung Tangyñ

ýolbaşçylygynda 40.000 adamlyk goşun ugradýar we Kaşgar emirligini ýok edýär.
Hytaýlylaryñ 1877-nji ýylyñ ýaz aýlarynda Turfana we Toksuna eden hüjümleri netijesinde ýanynda az sanly güýji galyp Korla şäherine çekilen Ýakup Begi 16(29?).05.1977-nji ýylda öz egindeşleriniñ öldürendigi, başga bir çeşmede bolsa öz janyna kast edendigi aýdylýar.
Ýakup Begiñ şowsuzluga uçramagynyñ iñ uly sebäbi hem dunganlardyr. Çünki olar Ýakup Begiñ hökümdarlygyndan örän nägilediler. Hytaýlylar bu ýagdaýdan gowy peýdalanyp başardylar we Ýakup Begiñ tersine dunganlylara gowy çemeleşdiler.
Ýakup Begiñ ogullary agzala-da bolsalar göreşi dowam etdirýärler.
16.12.1877-nji ýylda Kaşgar, 1878-nji ýylyñ ýylyñ ýanwar aýynda Hotan, 16.05.1878-nji ýylda tutuş Gündogar Türküstan Hytaýyñ eline geçýär we Ýakup Begiñ häkimiýeti soñlanýar.
Ýakup Begiñ häkimiýeti ýykylandan soñra 1881-nji ýylda baglaşylan şertnama görä Gulja sebitini Russiýa kontribusiýa hökmünde Hytaýa gaýdyp berýär.

Taryhy şahslar